# Penjireden seredýän perişde / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Penjireden seredýän perişde / hekaýa PENJIREDEN SEREDÝÄN PERIŞDE



– Diýen puluňy eglemän berdim, indi eşikleriňi eglenibiräk çykaryber, keýgim!
Lopbuş ýüzli kişi nakys ýylgyryp, garagözelek gelne seretdi. Elindäki bulgurda agşam şapagyna gaýra dur diýýän elwan reňkli çakyr onuň dilini biraz açypdyr. Gelin onuň gözlerine garap durşuna aýdylan bilen boldy. Ýöne eşiklerini çykaryp başlamanka penjiräniň gyrmyzy tutusyny ýapdy.
***

Jaýyň üçünji gatyndaky elwan tutuly penjirä garap duran oglanjyk elindäki ýaşyl alma "paşyrt" etdirip agyz saldy. Ýaşaýyş jaýlarynyň ortarasyndaky açyk meýdançada gök-bakja önümleri satylýan bazarjyk bardy. Onda, köplenç, obalardan bagbanlar, daýhanlar eken-diken gök-söklerini, ýetişdiren miwelerini arzanjak satyp gidýärdiler. Işden gaýdyp gelýän şäherliler kileň şu bazardan söwda-satygyny bitirip, öýlerine howlugýardylar.

***

Görmegeý gelin çuw-ýalaňaç bolýança lopbuş ýüzli öňündäki

içgiden işdämen owurtlap, agzyny süýjedýärdi. Çeýe bedeniň çalasyn hereketleri gowşap, ýeňil eşikler haýallyk bilen çykarylýarka lopbuş ýüzliniň ýüregi heserden gürsüldeýärdi. Gelin ýumşajyk barmaklary bilen ýylçyr maňlaýyndan sypanda, arkasyndan gelip gulagynyň ýeňsesinden ysganda, ol kişi ýerinden turmaga hyýallandy. Emma gelin ony arkan ýatyryp, üstüne atlandy. Lopbuş ýüzli kişiniň jynsy hyjuwy joşa gelip, kenaryny böwüsmäge az galdy.

***

Oglanjyk bazarçylaryň hatarlary bilen aýlanyp, ýene alma satýan bagban ýaşulynyň ýanyna bardy. Bagban onuň ýene aýlanyp gelenini görüp, hoşnut ýylgyrdy. Almalary synlap duran orta ýaşly dolmuş aýal:
– Bäh, bu almalaryň alýaňakdygyny – diýip, agzyny suwartdy. - Bularyň ekilen ýerem-ä jennet ýaly ýerdir-le?!
Ýaşuly oglanjykdan ýüzüni sowman durşuna:
– Hawa, alyberiň! – diýdi. – Bu almalardan bal ýaly mürepbe gaýnatsaňyzam bolar…

***

Lopbuş ýüzli kişi eşiklerini geýensoň edil başga adam ýaly boldy. Ak köýnek, gara penjek, galstuk ony sypaýy görkezýärdi. Galstugyny düzedişdirip durka el telefony jana geldi.
– Salam, gyzjagazym! Salam-salam. Hawa, gowy balam, özüň gowumy!
Ol talyp gyzy bilen gepleşip durka birden gelniň özüne garap ýatandygyny görüp, birhili boldy. Basymyrak telefony goýmaga döwtalap boldy.

***

Gün ýaşyp gelýärdi.
Bazaryň öňünden geçýän uly köçäniň gatnawy seýrekläpdi. Oňa derek ýanýodadan geçýän-ötýäniň sany-hasaby ýokdy. Şäheriň köp gatly jaýlarynyň penjirelerinde ýşyklar görnüp ugrady.
Gaýda-gaýmalaşyk. Mähelle.

Emma mähelle kalbyňa galagopluk salanokdy, tersine, öýlerine howlugyp barýan adamlaryň “howlukmaç” duýgulary ýüregiňe giňlik salýardy.

***

Nazarkerde, nurana ýüzüne gelşip duran sakgalyna ak sepen bagban ertir bazara satmaga çykarjak alýaňak almalaryny sebetlere salyşdyryp goýýar. Almalaryň nahra alanyny, çüýräp başlanyny gapdala goýýar. Ertir ak säher bile alýaňak almalardan ýüklenip bazara ugrar. Ammar jaýyň bosagasynda görnen aýaly:

– Aýt, çal, sen ýatjak dälmi! – diýýär. – Ýa-da şü almalaryňy syryp-süpürip, daňa çenli oturyberjekmi?

Bagban hiç zat diýmän, ýerinden turar. Aýalynyň aýdany bilen bolar. Başyny ýassyga goýan badyna kakasy bendäniň erikli-almaly bagyna dolanar. Ol ýerde mundan birnäçe ýyl özal dereksiz ýiten gyzy hem bar. Birdenem köpgatly jaýlaryň ortasyndaky bazarjyk, mähelle, bazarda gezýän oglanjyk düýşüniň bir burçunda peýda bolar. Hyýallary halys çalam-çaş eden düýşlerden horazlaryň sesi halas eder.

Daň atýar. Ol derrew oýanar. Göýä daň ony yzaly düýşlerden halas etmek üçin atýan ýaly.

***

Şowhunly meýlisden soňra lopbuş ýüzli kişi:

– Kiçi bazara – diýip, sürüjisine buýurdy. Sürüji hiç zat soraman, hemişeki barýan ýerine ugur aldy. Gelniň gapysyny kakmaga howlugyp ýokary galýarka ýüregi gürsüldäp agzyndan çykara gelen lopbuş ýüzli ahyr arzyly bosaga ýetdi. Gapy açylan dessine ol gelne tarap topuldy. Sekiniň üstüne ýetmänkäler ol gelniň daşky eşiklerini hyjuw bilen sypyrdy. Gujagynda iki ýana towlanýan gelniň eşret eçilýän hereketleri ony barha daljykdyrýardy.

Gelniň üstünde ep-esli urnup, ahyr maksadyna ýetensoň bir gapdala aýryldy. Hars-hars urýan ýüregine süýji diň salyp ýatdy. Birden gelin onuň gylly kükregine daýanyp ýerinden

galdy-da:
– Senden atamyň ysy gelýär – diýdi. – Maňa kömek ediň! Ony göresim geldi!
Lopbuş ýüzli dikelip oturdy-da, gelniň alma ýaly dym-dykyz göwüslerine garap geplemän oturdy.
Penjiräniň elwan reňkli tutulary ýapylgydy.

***

Bazarda her dürli adamlara gabat gelse bolýar. Egni çäkmenli, başy ak selleli mollaçar biri gelip, almalaryň ho-ol aňyrda adamlardan daşyrak duranlaryndan çekip bermegini soraýar. Bu syryşdyryp, üýşürip goýanlaryňy ýagşy hem görüp geçýär, ýaman hem, ýetim-ýesir, garyp-gasar hem şu almalaryňa seredip agyzlaryny suwardyp geçendirler. Näçe sany ýaman nazar siňendir bu almalara?! Gowsy, maňa çuwalda duran almalaryňdan çekip ber, byradar.
Bagban ony öte köpbilmiş hasaplady. Soňra ýagşy adamlar, ýaman adamlar hakda pikir etdi. "Ýaman adamlar bilen ýakyn goňşy bolsaň hem bolmajak eken. Gyzjagazymyzy şol taksyçylyk edýän wenezzyna goňşymyz ýoldan çykardy. Wah, özüň hem ýollarda galgaý sen!..

***

Oglanjyk bu gün alma satýan ýaşulynyň ýanyna barmaga halys utandy. Barsa, bir goçak almany eline tutdurjagy anyk. Ýöne her gezek sebäpsiz barmak birhili. Oglanjyk ýaşulynyň ýanyna baryp bilmän durşuna içinde bir ýeriniň ynjaýandygyny syzdy, ýöne özüne düşündirip bilmedi. Bir görseň, hiç ýeriň agyrmaýan ýaly. Emma agyrýar…

***

Ol gelinden gözüni aýryp bilmän, eşiklerini geýmegi dowam etdi. "Ýaş gelin bilen göwün myradyňa ýeteniňden soň eşikleriňi geýmegiňem aýratyn lezzeti bar-ow" diýip oýlandy.
Stoluň üstünde duran el telefony ýakymly jyňňyrdady. Telefonuň ýüzünde sary saçly ýaşajyk gyzyň keşbi peýda boldy.

Gelin düşekde gapdal düşüp ýatyrdy. Suwy içilip gapdala zyňlan gaba dönen gelniň mejaly gaçypdy.
Lopbuş ýüzli kişi gyzy bilen gepleşip başagaýdy. Bir zat düşündirjek bolýardy.
– Bolýa, bolýa, gyzym. Düşündim. Gaharlanmasana. Şeýtseň, ýene bir bolmasy işiň üstünden barýaň sen. Ýolda hem seresap bol! Ulagyňy gaty sürme!
El telefonuny stoluň üstüne oklap goýberip, ol diňşirgenip durdy. Söhbetdeşligiň täsirinden çykmaga synanyşdy. Ýaş gelin, eşik geýmek lezzeti, ählisiniň gyzygy gaçdy.

***

Ýaz möwsümi paýawlap barýar. Aslynda, bahar-ýaz – gysgajyk pasyl. Bagban ýaz almalaryny satýar. Tomus düşdügi, alma satýan bagban bazara gelmesini keser diýip oglanjyk biraz ynjalykdan gaçýar.

***

Gelin bu agşam ýalňyz. Onuň hojaýyny lopbuş ýüzli kişi gara berenok. Diýmek, maşgalasy bilen bir ýere gidendirler. Gelin bu zatlar hakda oýlanmajak boldy. Täze eşiklerini geýip gördi. Syrdam boýuna gelşip duran bu köýnegi ol bir arzuw bilen tikdiripdi. Tikinçä hem «Oba geýip gitmäge hiç zadym ýok, şonuň üçin tikdiräýeýin diýýän-le, gyz» diýip, çyna berimsiz ýalan sözläpdi. «Obamy görmedigime şu ýaz üç ýyl doldy. Gaty göresim geldi». Belent depäniň üstünden geçýän gumak ýol bilen gaýtsaň, aşakda gara baga bürenip oturan oba onuň göz öňünde janlandy.
Ol penjiräniň öňüne gelip, özüne ýylgyryp duran perişdejigiň şekiline seredip uludan dem aldy. “Meniň halyma bir sen düşünýäň, melegim” diýdi. “Senem ýasama bolanyň üçin…”

***

Lopbuş ýüzli şu gün görmegeý gelniň ýüzüne garap ýatyşyna ýakymsyz bir zat hakda oýlandy. «Bu entek ýaşajyk ahyr, gyzymdan kiçi bolsa kiçidir, uly-ha däldir». Birdenem gelniň

deregine öz gyzy şu ýagdaýda göz öňünde janlanyp gitdi. Üstünden gaýnag suw guýlan dek, zöwwe ýerinden galdy. Ýakymsyz duýgy depesinden dabanyna çenli içinde ýol edip gitdi. Gelin oňa geň galyp seretdi. Emma geplemedi. Lopbuş ýüzli hem hiç zat gepläp bilmedi.

Diňe penjireden seredip duran perişdejigiň şekili bir zat diýjek bolýan ýaly duýuldy.

***

«Isaýylaryň mukaddes kitaby Injilde Adam ata How ene bilen jennetden alma iýip kowuldylar diýlip ýazylypmyş. Musulmanlar bu rowaýaty ret edýärler. Jennetdäki miwe bugdaý eken, emma ol bugdaý dänelerininiň her birisi alma ýaly iri eken. Isaýylaryň kitabynda alma iýlipdir diýlen gürrüň hem şondan galan bolmaly». Bagban başly-barat pikirlerinden uç tapman oturyşyna: «Alma diýýänleri rastdyr, belki – diýdi. – Alma diýip dur-a, «Alma» diýip, owaz gelse-de, alyp iýipdirler. Şonuň üçin hem jennetden kowlupdyrlar».

Gün gyzyl ikindi boluberende, sowlup barýan bazardan çykan bagban agyr gussa batýar. Obada öten sadaja ömri, galagoply şähere gelip ýiten gyz perzendi hakyndaky oý-pikirleriň endişesi egninden berk basyp, ony goýberenok.

***

Ýaz almalary satylýan möwsüm paýawlady. Oglanjyk bazara gelmesini kemeltdi. Indi gant ýaly ýaz almalaryny arzan bahadan satýan bagban goja ýok. Ýöne ol bu gün, nämüçindir, belent jaýlaryň ortasyndaky bazara gaýdasy geldi. Welosepedini gyssanmaç sürüp gelşine uly köçäni ýapyp jynaza namazynyň okalyp durlanyny gördi. Ortada goýlan tabydyň üstüne örtülen gyzyl mahmaly ýaz şemaly keýpihonluk bilen ykjadýardy. Ho-ol beýleräkde lopbuş ýüzli kişi «Gyzym, gyzjagazym, ýalňyz perzendim» diýip, sojap-sojap aglaýardy.

Oglanjyk bu ýerde uzak eglenmänini kem görmedi. Ol bazara howlugýardy.

***

Oglanjyk bazar meýdanynda alma satýan bagbanyň bir ýaş görmegeý gelin bilen tirkeşip barýandygyny görüp geň galdy. Gelin goja bagbana şeýle bir gysymyljyraýardy welin, «Ol zenan bagbanyň nämesi bolýarka?!» diýip, oglanjyk geň galyp gözlerini tegeledi.
Penjireden seredýän perişde bolsa şemala uçup gidipdi.

14-31 iýul.

Garagaç obasy-Daşoguz şäheri. Hekaýalar